# LGBT WE AIW-Ň HUKUKLARY BILEN BAGLY BOLAN TÜRKMENISTANYŇ MILLI KANUNÇYLYGYNA SELJERME

2019
EKOM

LGBT-ň we AIW-ň hukuklary bilen bagly bolan Türkmenistanyň milli kanunçylygyna seljerme / erkek saglygy boýunça Ýewraziýa koalisiýasy (EKOM). Tallinn, 2019. — 11 s.

Şu resminamada görkezilen maglumat hökümede degişli bolmadyk guramalar we aktiwistleriň jemgyýetleri, şeýle hem döwletiň wekilleri üçin niýetlenip, adwokasiýa prosesslerini planlaşdyrmakda, geýleriň, beýleki erkek bilen jynsy gatnaşykdaky erkekleriň (EJGE), trans* adamlaryň hukuklaryny öňe sürmekde, olaryň serwislere we hyzmatlara bolan elýeterligine päsgelçilik döredýän böwetlerden geçmekde peýdaly bolup biler.

Makalany çapa taýarlan: Türkmen.news — garaşsyz täzelikçi we hukukgoraýjy neşiri we **Ýuriý Ýorskiý**.

Awtorlar şu seljermäni taýarlamaga aktiw gatnaşan we özüniň degerli kömegini beren **Sagiba Kulbaýewa** özleriniň çyn minnetdarlygyny bildirýärler.

Dizaýny we werstkasy: **Anastasiýa Danilewskaýa**.

Eurasian Coalition on Male Health

ECOM

M•PACT GLOBAL ACTION FOR GAY MEN'S HEALTH & RIGHTS

ROBERT CARR FUND For civil society networks

Makala Sustainable Health Advocacy with Gay men (SHAG) atly sebitleýin konsorsiumynyň alyp barýan işiniň çäklerinde, EJGE we AIW (Mpact) atly global forumynyň goldamagynda, Robert Kappa adyndaky raýat torlar Gaznasynyň maliýe goldawyny bermeginde taýarlandy we çap edildi.

Şu makalada beýan edilen nukdaýnazarlar diňe makalanyň awtorlaryna degişli bolup, olar EJGE we AIW (Mpact) atly global forumynyň we Robert Kappa adyndaky raýat torlar Gaznasynyň nukdaýnazaryna laýyk gelmezligi mümkin.

The views described herein are the views of this institution, and do not represent the views or opinions of the views or opinions of MPact and Robert Carr Fund for civil society networks.

***Muzdsuz ýaýradylýar***

*Makalanyň materiallary ulanylan halatynda erkek saglygy boýunça Ýewraziýa koalisiýasyna (EKOM, EJGE we AIW (Mpact) atly global forumyna hem-de Robert Kappa adyndaky raýat torlar Gaznasyna salgylanmak hökmanydyr.*

Şu seljermäniň esasy maksady AIW bilen ýaşaýan adamlaryň, geýleriň, iş tejribede beýleki erkekler bilen jynsy gatnaşykdaky erkekleriň şeýle hem trans* adamlaryň özleriniň hak-hukuklaryny durmuşuň ähli ugurlarynda amala aşyrmaga päsgelçilik döredýän hukuk böwetlerini kesgitlemekden ybarat.

Bu seljermäni geçirmek üçin EKOM tarapyndan ýörite usulyýetnama we sorag-jogap anketasy işlenildi, ýerli hyzmatdaşlarymyz bolsa ony doldurmaga kömek etdiler. Hukuk tejribesine seljerme edilende, kazyýet tejribesi bilen bir hatarda aktiwistleriň habarnamalary, adam hukuklarynyň goragyny üpjün edýän, olaryň bozulan wakalaryny resmileşdirýän guramalaryň maglumatlary, metbugatyň habarlary, hökümede degişli bolmadyk guramalaryň halkara edaralaryna beren hasabatlary nazara alyndy. Kanunçylyga we hukugy ulanmak iş tejribesine seljerme berilende, olaryň bütindünýä we Ýewropa standartlaryna laýyklygyna hem seredildi. Şeýle hem Türkmenistanyň halkara gözegçilik mehanizmleriniň üsti bilen alan teklipnamalary we olaryň bu ýurduň hökümedi tarapyndan ýerine ýetirilşine-de seljerildi.

Şu seljermäniň çäklerinde ýurtdaky hereket edýän kanunçylyk barada maglumat bermek üçin, hukuk kadalaşdyryjy namalardan alynan, emma, gynansak-da, mydama dogry-düzüw bolmadyk, özüniň terminologiýasynyň syýasy dogrylygy boýunça halkara ölçeglerine laýyk gelmedik bölekler ulanylýar. Käbir halatlarda getirilen asyl ýazgydyr sözlemler seredilýän meseleler boýunça ýurtda hereket edýän hukuk kadalaşdyryjy meýdany we ulanylýan dili obýektiw şöhlelendirmek üçin berilýär. Hukuk kadalaşdyryjy namalardaky hemme sitatalar goşa dyrnak bilen bellenen.

Resminamada görkezilen maglumat hökümede degişli bolmadyk guramalar we aktiwistleriň jemgyýetleri, şeýle hem döwletiň wekilleri üçin niýetlenip, adwokasiýa prosesslerini planlaşdyrmakda, geýleriň, beýleki erkekler bilen jynsy gatnaşykdaky erkekleriň (EJGE), trans* adamlaryň hukuklaryny öňe sürmekde, olaryň serwislere we hyzmatlara bolan elýeterligine päsgelçilik döredýän böwetlerden geçmekde peýdaly bolup biler.

## GYSGALTMA SÖZLERIŇ SANAWY

| | |
|---|---|
| **AIW** | Adamyň immunoýetmezçilik wirusy |
| **EKOM** | Erkek saglygy boýunça Ýewraziýa koalisiýasy |
| **JÝGÝ** | Jynsy ýollar bilen geçýän ýokaşma |
| **LGBT** | Lesbiýanlar, geýler, biseksuallar we trans* adamlar |
| **WÝA** | AIW bilen ýaşaýan adamlar |
| **EJGE** | Erkek bilen jynsy gatnaşykdaky erkekler |
| **JUJK** | Jyns ugry we jyns kesgitlenmesi |
| **AIDS** | Adamyň edinen immunoýetmezçilik sindromy |
| **Trans*** | Özüni transgender, goşa bölekden ybarat bolmadyk, jyns üýtgemäniň görnüşlerini öz içine alýan (ýöne munuň bilen çäklenmeýän) transseksual, jyns kesgitlenmesi adaty jyns ulgamyna laýyk gelmeýän genderkwir, jynsyny üýtgedýän, binar bolmadyk agender, üçünji gender we bigender hökmünde kesgitleýän adamlary aňladýar |

# GIRIŞ

Türkmenistan — öňki SSSR-yň düzümindäki respublika, Merkezi Aziýada ýerleşen, dünýäniň iň ýapyk we repressiw döwletleriniň biri. Köpçülikleýin habar serişdeleriň azatlyk derejesi boýunça 2019-njy ýylda Türkmenistan «Serhetsiz reporterlar» guramasynyň reýtinginde, Eritreýa we Dewirgazyk Koreýa ýaly ýurtlary öňe geçirip, dünýäde iň soňky, 180-nji orny eýeledi[1].

Ýurtda durmuşyň dürli ugurlarynda hereket edýän kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek işi plan esasynda, şol sanda daşary ýurtly halkara ekspertleriň hem gatnaşmagynda  amala aşyrylýar. Ýurtdaky kanunlar erbet hem däl. Muny halkara derejesinde-de ykrar edýärler. Emma ýurduň daşary işler ministriniň orunbasary ***Wepa Hajyýewiň***, bir gezek aýdyşy ýaly, «Gündogarda kanunlardan we namalardan başga-da tejribe bar»[2].

Turkmenistanda  durmuşyň ol ýa beýleki ugurlarynda ulanylýan kanunçylygyna gözegçilik edip, ýaşaýyşyň käbir «has duýgur» meselelerinde, mysal üçin, tussaglaryň jeza çekýän ýerlerinde ýa-da bendilikde saklanylýan adamlaryň hukuklarynyň berjaý edilşine syn edip,  soňra bolsa döwletiň organlaryna özüniň bahasyny ýa teklibini berip biljek garaşsyz jemgyýetçilik guramalar ýa birleşikler düýbünden ýok. Bu ýurtda ol ýa-da beýleki «wawwaly» hasaplanýan mowzug, mysal üçin, mejbury zähmet, maşgala zorlugy, LGBT jemgyýetiniň wekilleriniň hukuklarynyň bozulmalary we beýlekiler boýunça düýpli barlag işini geçirip biljek ýekeje-de garaşsyz edara ýok. Döwlet edaralaryndan haýsydyr statistiki sanlary ýa-da beýleki maglumatlary alyp bolmazlygy bolsa beýle  guramalaryň ýoklygynyň  üstüni ýetirýär. Maglumat almak[3]  hukugyna kanun tarapyndan edilýän çäklendirmelerden başga-da ýurtdaky ähli hereket edýän kwazi-garaşsyz (DGGG — döwletiň gurnan garaşsyz guramasy) guramalar özleriniň işi babatynda agzalmaýan gadagançylyklar bilen ýüzbe-ýuz bolýarlar.

Türkmenistan  öňden gelýän däp boýunça patriarhal jemgyýet. Döwletiň dünýewi statusyna garamazdan, yslam diniň agalyk ediji roly, medeniýet we däp-dessurlar adamlaryň maşgalada we jemgyýetde özlerini alyp barmalydygyny, dürli jynslaryň özara gatnaşyklaryny kesgitleýär. Adat boýunça erkek adam maşgalada iň esasy bolýar, onuň aýdany hökmany edilýär, aýallar erkekleriň tabynlygynda galyp, hojalyk işlerini edýärler, öýüň ojagyny abat saklaýarlar, çaga terbiýelemek bilen meşgul bolýarlar. Türkmen jemgyýetinde, ylaýta-da oba ýerlerinde, ogullarynyň haçan we kime öýlenmelidigini  köp halatlarda ene atalaryň hut özleri çözýär. Ýaşy 25-den geçen gyzlaryň soňky her bir ýylyň geçmegi bilen durmuşa çykmagy has hem çylşyrymlaşýar. Şeýle şertlerde umumy kabul edilen kadadan çykmak, mysal üçin, ene-atasy tarapyndan saýlanan gyza öýlenmek talaby oglunyň ret etmegi, maşgala we tutuş jemgyýete edilen haýbat, agzalmadyk düzgünleriň bozulmasy ýaly kabul edilýär.

[1] https://rsf.org/en/turkmenistan

[2] Bu barada ol 2012-nji ýylyň martynda  Nýu-Ýorkda BMG-nyň  adam hukuklary boýunça Komitetiniň mejlisinde mälim etdi http://www.hronikatm.com/2012/03/sushhestvuet-eshhe-i-praktika/

[3] Mysal üçin, «Döwlet gullukçysynyň etikasy we gullukda özüni alyp barmagy baradaky» Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasynyň 2-nji bölümi gulluk borçlary bilen baglylykda özune aýan bolan maglumatlaryň üstüni açan gullukçýlaryň jogapkärçiligini göz öňünde tutýar http://minjust.gov.tm/ru/mmerkezi/doc_view.php?doc_id=15097. Bu düzgünnamanyň ulanyş çäkleri ne bu kanunda ne-de beýlekide çürt-kesik aýdyň edimändir. Şeýle hem bu kanunda nähili maglumatyň üstüni açmaly däldigi aýdyň däl. Bu hilli çäklendirmeler Türkmenistanyň nämüçin şeýle ýapyk döwletdiginiň we nämüçin bu ýurtda belli bir temalar boýunça haýsydyr bir  garaşsyz barlag işini geçirip bolmaýandygynyň bölekleýin hem bolsada sebäbi bolup durýarlar.

Jynsy bir bolan adamlaryň öz aralaryndaky söýgi gatnaşyklar barada gürrüň hem bolup bilmez. Bu tema gadaganlygyn astynda, bu barada ne maşgalada, ne-de esasanam jemgyýetde dil ýarylanok. Döwletden doly garaşly bolan ýerli metbugatda LGBT jemgyýetiniň meselesi gozgalmaýar, ol orta we ýokary mekdepleriň okuw maksatnamalaryna-da girenok. Hamala beýle mesele we beýle adamlar ýok ýaly.

*Üstesine Türkmenistanyň kanunçylygy LGBT, EJGE, jynsy bir bolan çatynjalar, olaryň gatnasyklary ýa-da nikasy ýaly düşünjeleriň özüni-de göz öňünde tutmaýar, şonuň üçin ýutduň hukuk namalardaky hut şeýle jengyýetlere edilýan gadagançylyklary, çäklendirmeleri ýa-da diskriminasiýany seljermek işi kynlaşdyrylýar.*

Türkmenistanyň häkimiýetleri BMG-a agza bolan döwletleriň jyns kesgitlemesi we jynsy gatnaşyklaryň ugry bilen bagly alamatlar boýunça diskriminirlemek problemasyny gozgaýan teklipnamalaryny yzygiderli ret edýärler. Bu teklipnamalar, hususan-da, jynsy bir bolan uly ýaşly adamlaryň iki tarapyň razyçylygyndaky jynsy gatnaşyklary üçin göz öňünde tutulan jenaýat jogapkärçiligiň ýatyrylmagyna degişli. Türkmenistan Özbegistan bilen bir hatarda post-sowet giňişliginde «beçebazlyk» (JK-nyň 135-nji maddasy) maddany göz öňünde tutýan ýeketäk döwlet. Ol madda 2 ýyla çenli[4] türme tussaglygyny göz öňünde tutýar. Emma köp halatlarda beçebazlykda aýyplanýanlara beýleki, mysal üçin, jynsy hajatlaryny ýoýulan görnüşde kanagatlandyrmak ýaly maddalary hem ulanylýar.

Derňew geçirilýän döwri beçebazlykda şübhelenýänler kazyýet-lukmançylyk ekspertizadan geçirilýar, olaryň göni içegesi we anal tarapy barlanyp görülýär. Käte beçebazlykda şübhelenýäniň ýan depderçesinde biriniň telefon belgisi çyksa, onda munuň özi polisiýa işgäri üçin şol adamy soraga çekmäge ýeterlikli bolýar. Haýbat atma, adamyň mertebesini kemsitmek, gynamak ýaly zatlar derňew wagty we jeza çekilýän ýerlerde adaty hadysa öwrüldi. 2007-nji G.Berdimuhamedowyň ýylda häkimiýet başyna gelmezinden ozal «beçebazlyk» maddanyň iş ýüzünde ulanylmandygy[5] bellemeli zat.

«[Beçebazlyk üçin jenaýat jezany bermekligi ýatyrmak] türkmeniň medeniýetine, adaty maşgala prinsiplerine esaslanýan türkmenistanlylaryň mentalitetine çapraz gelýär, şonuň üçin şeýle görnüşli üýtgetmeleri kanunçylyga girizmeklik kabul ederliksiz» diýip, prezidentiň6 ýanyndaky Türkmenistanyň demokratiýa we adam hukuklary milli institutynyň demokratiýa we adam hukuklaryny goramak meseleleri boýunça bölümiň müdiri şemşat Atajanowa aýtdy[6].

Şol bir wagtyň özünde-de «beçebazlyk» diýlende erkek bilen erkegiň jynsy gatnaşygy takyk düşünilýär. Ýurduň kanunçylygy aýal bilen aýalyň jynsy gatnaşygy üçin temmini göz öňünde tutanok.

[4] Belli şertlerde bu madda bilen günäli bilinen 20 ýyla çenli türmä basylýar. Seret http://minjust.gov.tm/ru/mmerkezi/doc_view.php?doc_id=8091

[5] Maglumat 2015-nji ýylda «Türkmenistan: gadagan edilen gomoseksualizm» atly filmiňe görülen taýarlygyň çäklerinde «Beçebazlyk» maddasy bilen türmä basylan öňki türkmen bendiler bilen geçirilen birnäçe interwýularyň dowamynda alyndy.

[6] Bu barada 2017-nji ýylyň 8-nji martynda Jenewada BMG-ň adam hukuklary baradaky Komitetiň mejlisinde raýat we syýasy hukuklary baradaky Halkara Konwensiýany (RSHHK-ny) berjaý etmek boýunça Türkmenistanyň ikinji döwürleýin hasabatyna seredilende beýan edildi. Dolurak: https://habartm.org/archives/6555

Şeýle hem gadagan edilen temalaryň biri AIW. Türkmenistanda «Adamyň immunoýetmezçilik wirusynyň (AIW-ýokaşmasy) sebäp bolan keseliň ýaýramagyna garşy durmak baradaky» kanunyň kabul edilendigine we ol kanunda AIW-y bolan adamlara sosial kepilnamalaryň getirilendigine garamazdan, türkmen häkimiýetleri diňe bu ýokaşmanyň ýurtda giňden ýaýrandygyny däl-de, eýsem bu keseliň bardygyny hem boýun alanoklar. UNAIDS-yň statistiki maglumatlarynda AIW-yň ýaýramagynyň esasy görkezijileriniň aşagynda Türkmenistana degişli ýerinde diňe kese çyzyklar dur — maglumatlar üpjün edilmedik[7]. 2009-njy ýylda Türkmenistany terk edip giden «Serhetsiz lukmanlar» guramasy AIW-ý [häkimiýetlere] «görünmeýän» keselleriň[8] biri diýip aýtdy. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda ilatyň arasynda neşäniň[9], esasanam geroiniň sanjym ýoly bilen ulanylyşý köpçülikleýin häsiýete eýe bolandygyna garamazdan, garaşsyzlyk ýyllary içinde we şu güne çenli ýurtda bu ýokaşma bilen bagly diňe iki waka resmi taýdan bellige alyndy. Soňlugy bilen ol hassalaryň birinde AIW-ýokaşmasy AIDS keseline getirdi we ol aradan çykdy. AIM bilen[10] bagly wakalaryň resmi bolmadyk sany müňlerçe, belki-de onmüňlerçe bolmagy mümkin. Ýokaşmanyň ýaýramagynyň sebäpleri birnäçe:

- 90-njy ýyllarda we 2000-nji ýyllaryň başlarynda sanjym ýoly bilen neşeleriň ulanylyşy;
- Başga işiň we perspektiwanyň ýok wagty ten satmaklygyň pajarlap ösmegi. Tenini satýan aýallaryň hyzmatyndan 90-njy ýyllarda Türkmenistany dolduran türk gurluşykçylar peýdalandy;
- Daşary ýurtlara, esasan hem Türkiýe we Kipr döwletine, bolan zähmet migrasiýasynyň ýokary derejesi. Soň giden adamlar yzyna gaýdyp gelip, ýene ol ýerlere gitdiler.

Türkmen lukmanlaryna şu güne çenli keseli anyklanlarynda «AIW» diýip aýtmak gadagan edilýär. Munuň deregine olar «Forma 50» terminini[11] ulanýalar. AIW-y tapylan adamlar ýokanç keselleri hassahanalaryň aýratyn jaýlarynda, esasy standartlaryň derejesine ýetip bilmedik şertlerde saklanýarlar[12]. Ýurtda medisina hyzmatynyň we lukmanlaryň AIW-y hassalara bolan garaýyşy hem gaty pes derejede. Lukmanlaryň özleriniň ýokanç we onuň ýokaşmak usullary baradaky bilimleri hem juda pes. Şonuň üçin AIW-y bar bolan adamlara stigmatizasiýa (ýaramaz garamak) derejesi ýokary. Antiretrowirusly däri-dermanlar bilen bejermeklik kanun tarapyndan göz öňünde tutulandygyna garamazdan, hakykat ýüzünde hiç hili bejergi ýok. «AIW-y» diýip diagnoz goýlan adamlara bu keseliň ýany bilen gelýän, mysal üçin, inçekesel we öýken çişme kesellerine garşy bejergi berilýär.

Türkmenistan 2010-njy ýyldan bäri AIDS-a, inçekesele, gyzzyrma garşy göreş alyp barmak üçin Global gaznasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Emma diňe «inçekesel» ugry boýunça. Bu ýerde-de AIW-yň problemasy ýok.

Şol bir wagtyň özünde-de umumy ilatyň arasynda AIW-yň öňüni almak babatynda käbir işler geçirilýär. Mysal üçin, 2012-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli Jemgyýeti (TGÝMJ) AIDS-a garşy göreş gününe bagyşlanyp prezerwatiwleriň paýlanandygy, mekdep okuwçylar, talyp ýaşlar, asuda-abadan bolmadyk maşgalalarda çykan ýetginjekler, harby adamlar, uzak ýollara gidýän ulag sürüjiler we beýlekiler üçin käbir okuw seminarlaryň we treningleriň geçirilendigi barada hasabat berdi.

[7] https://www.unaids.org/en/regionscountries/countries/turkmenistan
[8] Seret sah. 11 https://www.msf.or.jp/library/pressreport/pdf/100408_TURK-Report_english_FINAL.pdf
[9] 90-njy ýylaryň ahyryndan tä 2006-njy ýyla çenli ABŞ-nyň 1 dollary 25 müň manat bolan mahaly neşäniň bir çekimi 15 müň manatdy.
[10] Bu maglumat ýokanç kesel lukmanlary bilen resmi bolmadyk gürrüňleriň dowamynda alyndy. Giňişleýin: https://habartm.org/archives/9168
[11] https://fergana.agency/articles/107863/
[12] https://habartm.org/archives/6925

TGÝMJ-yň maglumaty boýunça, Beýik Britaniýanyň Gyzyl Haç jemgyýetiniň we Populations Services International guramasynyň goldamagynda geçirilen bu çärelere 20 müňden gowrak adam çekildi, ýurduň iki şäherinde bolsa 2013-nji ýylda Saglygy saklaýyş ministrligi tarapyndan döredilen drop-merkezlerinde[13] pes çäkli hyzmatlardan peýdalanýan wauçer ulgamy işledildi.

Emma TGÝMJ-yň bu tüýsli maglumatyny seresaplyk bilen kabul etmeli. Birinjiden, bu hasabatda geçirilen okuw seminarlara gatnaşdyrylan beýleki maksatly toparlaryň arasynda zyna-hyzmatyny berýän işçiler we beýleki erkekler bilen jynsy gatnaşygyny saklaýan erkekler hem görkezilipdir. Bu bolsa nädogry, çünki jemgyýetiň bu iki esasy topary Türkmenistanda kanundan daşarda durýar. Ýurtda jelepçilik üçin administratiw jogapkärçilik (bu etmiş ýylyň dowamynda gaýtalansa, onda jerime salynýar ýa-da iki ýyla çenli azatlykdan mahrum edilýär), jymsy bir meňzeş adamlaryň arasynda jynsy gatnaşyk üçin bolsa jenaýat jogapkärçilik göz öňünde tutulan. Munuň üstüne AIW/AIDS we JÝGI-yň öňüni almak baradaky 2005-2010 ýyllar üçin kabul edilen Milli maksatnama EJGE-iň (erkek bilen jynsy gatnaşykdaky erkegiň) gatnaşygynyň öňüni almagy göz öňünde tutanok. Bu maksatnamanyň ýerine ýetirilmeli ýyllary eýýäm geçendigine garamazdan, EJGE bilen iş geçirmeklik 2012-2016-njy ýyllaryň[14] maksatnamasynda-da ýok.

Ikinjiden, ýurduň ýapyk bolmagy zerarly halkara derejesindäki uly möçberli grant pullaryny alýan ýeke-täk milli gurama bolan TGÝMJ-ň işine audit geçirmek asla mümkin däl. Üçünjiden, TGÝMJ-ň ýerine ýetiriji direktorynyň wezipesinde Türkmenistanyň prezidentiniň süýtdeş aýal dogany ***Gülnabat Döwletowa*** otyr we onuň işi umumy Gyzyl Haç we Ýarym Aý hereketiniň prinsiplerini weýran edýändigi üçin 2014-nji ýyldan bäri tankyt astyna[15] alynýar.

[13] TGÝMJ-yň.2014-2016 ýyllaryndaky hasabatyna seret https://www.ifrc.org/en/what-we-do/where-we-work/europe/red-crescent-society-of-turkmenistan/

[14] http://docstore.ohchr.org/SelfServices/FilesHandler.ashx?enc=FhOD6sgqgzAhFXD9F%2FeKaFMm83LbFY75RhkIFGrig%2B4cIKWbLH80GfOAehAeWgQ4WeLOMcUaubmY%2FvM9SwCzkgQC3hiqx9NEJtPyh60Y0jhpbdDNtr6KsYO3g760uptG

[15] «Aýal doganyň buýrugy boýunça. Türkmenistanyň Gyzyl Ýarym aý jemgyýetindäki ýagdaý barada».Seret: https://turkmen.news/news/po-veleniyu-sestry-o-situatsii-vnutri-obshhestva-krasnogo-polumesyatsa-turkmenistana/

## ERKEKLERIŇ ARASYNDAKY JYNSY GATNAŞYKLARYNYŇ KRIMINALLAŞMASY

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi (135-nji madda) erkek bilen erkegiň arasyndaky jynsy gatnaşygy üçin iki ýyla çenli türme tussaglygyny göz öňünde tutýar. Köp halatlarda beçebazlykda aýyplanýan adamlara beýleki, mysal üçin, jynsy hajatlaryny ýoýulan görnüşde kanagatlandyrmak ýaly maddalary hem ulanylýar.

*Gomoseksual erkekleri aktiw «awlamak» işi Türkmenistanda takmynan 2007-nji ýyldan, ýagny Gurbanguly Berdimuhamedowyň häkimiýet başyna geleninden soň başlandy. Hukuk goraýjy edaralarynyň işgärleri ýaşalýan öýlerde ýa-da erkek adamlaryň duşuşýan ýerlerinde duzaklary gurup, ýaşlaryň arasynda meşhur bolan internet-forumlary, tanyşlyk açýan saýtlary we çatlary barlap synlap başladylar. Gomoseksual gatnaşyklarda güman edilen adamlaryň ýan telefonlary alynýar we ondaky bar bolan belgiler, jaňlar we habarlar barlanýar. Polisiýa işgärleri telefonyň eýesiniň adyndan ondaky belgisi bolan adamlar bilen hat alyşmaga girişip, has köp adamy çekýärler. Korrupsiýanyň ösen şertlerinde ýaş erkekleriň aglabasy pul berip, hem-a jezadan başyny satyň alýarlar, hem-de maglumatyň tanyşlaryndan we ýakynlaryndan gizlinlikde saklanmagyny gazanýarlar.*

*Pul berip aman galyp bilmedikler derňew geçirilýän döwri ahlak kemsitmelerden we gynamalardan geçýärler.Birinjiden, erkekleri kazyýet-lukmançylyk ekspertizasyndan geçirýärler, olaryň göni içegesi we syrt tarapy barlanýar. Munuň barysy ekspertleriň kemsidiji teswirleri bilen bilelikde bolup geçýär. Ikinjiden, olary derňew gidip duran wagty, beýleki geýleriň atlaryny anyklamak üçin gynaýarlar, şol sanda elektrik togy bilen hem. Jeza çekilýän ýerlerde 135-nji madda bilen azatlykdan mahrum edilenler beýlekilerden bölek saklanýarlar, olaryň nahary, suwa düşmesi we hajathanalary bölek bolýar. «Beçebazlyk» maddasy bilen türmede oturyp çykanlaryň habaryna görä, zorluk, gynamalar we kemsitmeler azatlykdan mahrum edilen ýerlerde adaty ýagdaý we ol ýerde öz hukugyny goramaga hiç hili degerli mehanizm ýok. Gepiň gerdişine görä aýtsak, beýleki tussaglaryň-da öz hukuklaryny ýuridiki esasynda goramaga mümkinçilikleri ýok*[16].

## AIW-Y ANYKLAMAK ÜÇIN EDILÝÄN LUKMANÇYLYK BARLAGY

«Adamyň immunoýetmezçilik wirusynyň (AIW-ýokaşmasy) sebäp bolan keselleriniň ýaýramagyna garşy durmak baradaky» Türkmenistanyň kanuny AIW-y anyklamak üçin üç görnüşli lukmançylyk barlagyny göz öňünde tutýar:

- ***Meýletin barlag*** (onuň geçirilmegine barlanýanyň ýa onuň kanunly wekiliniň maglumatly razyçylygy bolan we gizlinlik saklanan ýagdaýynda);

[16] «Beçebazlyk» maddasy bilen tussaglykda saklanan adamlaryň maglumaty boýunça.

- ***Hökmany barlag*** (mysal üçin, göwreli aýallara, ganyny  beriji donorlara, gany alyjy resipiýentlere we beýlekilere);
- ***Mejbury barlag*** (barlanýanyň  ýa onuň kanunly wekiliniň razylygy gerek däl ýagdaýynda geçirilýär).

Şu ýerde AIW-a bolan hökmany lukmançylyk barlagyň nikalaşmagyň şerti bolup, ol barlag «*sagdyn maşgalany döretmek we AIW-položitel ýokaşmaly çagalaryň dogulmagynyň öňüni almak maksady bilen*» geçirilýändigi bellärlikli. Şol bir wagtyň özünde-de kanun AIW-položitelli adamlara göniden-göni  nika girmekligi gadagan edenok. Nika girmek isleýän AIW-položitel bolan adamlara (eger olaryň birinde AIW bolanda-da) ediljek ädimiň töwekgellidigi we soňky netijeleriniň boljagy düşündirilýändigini we AIW-položitelli çagalaryň dogylmagynyň öňüni almak üçin beýleki çäreleriň görülýändigini çaklamak mümkin. Hakykat ýüzünde bolsa AIDS-merkezinden kepilnama getirmek, ylaýta-da oba ýerlerinde hökmany hem däl. Mundan owal AIW-y bolan ýagdaýynda nika girmek mümkinçiligiň bardygy ýa ýokdygy barada habar berilmedi.

AIW-ň bardygyny anyklamak üçin mejbury lukmançylyk barlagyna «*onda AIW-ýokaşmasy bar diýip çaklamaga ýeterlikli esaslar bolan*» adamlar sezewar edilýär. Şol bir wagtyň özünde-de kanun «ýeterlikli esaslar» diýmekligi kesgitlemeýär. Munuň üstesine bu şertiň beýan edilişi hem nädogry: eger adamda eýýam AIW-y tapylan bolsa, onda ony gaýtadan barlamak zerurmy?

AIW-a garşy durmak baradaky tutuş bir kanunyň bardygyna we ony ulanylmaly sebitleri jikme-jik ýazylandygyna garamazdan, ol kanunda LGBT jemgyýetiniň we beýleki gowşak toparlaryň wekilleri hakynda  kelam agyz söz aýdylmandyr.

## LGBT JEMGYÝETINIŇ WE WÝA WEKILLERINIŇ HOSSAR WE HOWANDAR BOLMAKLYGYNA GADAGANÇYLYK

Türkmenistanyň häzirki kanunçylygynda LGBT jemgyýetiniň wekillerine ýa WÝA-yň hossar we howandar hökmünde çykyş etmegine çäklendirme ýa gadagançylyk girizmekligi göni görkezýän kadanamalar ýok[17]. Beýle hilli gadagançylyklar jynsy bir bolan çatynjalar üçin hem ýok. Şol bir wagtyň özünde-de Türkmenistanyň kanunçylygynda LGBT jemgyýetiniň kesgitlemesi hem ýazylmadyk, jynsy birleriň gatnaşyklary bolsa turuwbaşdan jenaýat hasap edilen.

## AIW BILEN ÝAŞAÝAN ADAMLARYŇ TÜRKMENISTANA BARYP GELMEKLERI WE IMMIGRASIÝASY

Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilçilikleriniň talabyna laýyklykda, Türkmenistana 3 aýdan köp möhlete girmekçi bolýan daşary ýurtlaryň raýatlary, giriş wizasy üçin resminamalaryň arasynda, AIW-ň ýokaşmasynyň ýokdygy barada kepilnamany hem hökman bermeli[18]. AIW-ň bolmagy wizany bermekden ýüz öwürmäge esas bolup bilýär. Şunda-da Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy AIW-ň, neşe garaşlylygyň, jynsy ýa beýleki keselleriň ýoklugy baradaky kepilnama  zerur bolan halatlarynda soraljakdygyny takyklaýar.

[17] Hossarlyk we howandarlyk hakyndaky kanun. Seret: http://minjust.gov.tm/ru/mmerkezi/doc_view.php?doc_id=15159
[18] Türkmenistanyň Russiýadaky ilçihanasynyň maglumatyna laýyklykda https://russia.tmembassy.gov.tm/ru/consular-services/obshchaya-informatsiya-o-pravilakh-polucheniya-vizy-v-turkmenistan

Eger Türkmenistanda ýaşaýan ýa onuň territoriýasynda bolýan daşary ýurtly raýatlarda we raýatlygy bolmadyk adamlarda AIW-y tapylan ýagdaýynda, *«olaryň mundan beýläk Türkmenistanyň territoriýasynda bolmak meselesi Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda çözülýär»* diýip, «Adamyň immunoýetmezçilik wirusynyň (AIW-ýokaşmasynyň) döredýän keseliniň ýaýramagyna garşy çäreleri görmek hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny nygtaýar. Hakykatda bu ýurtdan deportasiýa edilmegi aňladýar, ýogsa UNAIDS we UNDP ýaly guramalar AIW-y položitel bolan adamlaryň ýurtda bolmagyna we syýahat etmegine garşy girizilen çäklendirmeleriň diskriminasion häsiýete eýedigini we olaryň şeýle çäklendirmeleriň[19] hereket edýän ýurdundaky ýerli ilatyň saglygyny ygtybarly gorap bilmeýandigini beýan edýärler.

## AIW-YŇ GEÇIRILMEGINIŇ KRIMINALLAŞDYRYLMAGY

Türkmenistanda AIDS keselini ýokaşdyranyň üçin jenaýat jogapkärçilik (JK-nyň 119-njy maddasy[20], AIWy geçirmek barada gürrüň hem ýok) göz öňünde tutulan. Kanun AIDS keseliniň ýokaşdyrmak howpuna bilkastlaýyn goýýanyň üçin üç ýyl azatlykdan mahrum edilmek jezasyny göz öňünde tutýar. Adam özünde AIDS keseliniň bardygyny bilipmi ýa ýok diýilen sertleri bu madda kesgitlänok. Eger özüniň keseldigini bilip, beýleki birine AIDS keselini ýokaşdyrsa, onda ol 5 ýyla çenli azatlykdan mahrum edilýär. Eger bu etmiş iki ýa köp adamyň ýada kämillik ýaşyna ýetmedigiň garşysyna edilse, onda munuň üçin 8 ýyla çenli azatlykdan mahrum edilmek jezasy berilýär.

Şeýle hem ýurduň Jenaýat kodeksi öz hünär borçlaryny talaba laýyk we göwnejaý ýerine ýetirmänligi sebäpli AIDS keselini ýokaşdyran lukmanlar we dermanhana işgärleri üçin hem jogapkärçilk göz öňünde tutýar. Bu etmişi üçin olara üç ýyl möhlete çenli belli bir wezipeleri eýelemek ýa-da belli bir işler bilen meşgullanmak hukugyndan mahrum etmek ýa etmezlik bilen bäş ýyla çenli azatlykdan mahrum etmek jezasy berilýär.

Hakykat ýüzünde gürrüň diňe AIW-ýokaşmasy bilen başga birini ýokaşdyrmak howpy barada gidýär, bu bolsa öz gezeginde pida bolany onuň özünde AIDS keseliniň döremek we ösmek howpuna salýar diýip, ÝHHG-nyň ekspertleri[21] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň bu maddasyna özleriniň berýän teswirlerinde belleýärler.

## GENDER KESGITLEMESI HAKYNDAKY KANUNLAR/EKSPRESSIÝALAR

*(Jynsy pasportynda çalyşmak, jynsy düzediş tertibi we ş.m.)*

Tükmenistanda gender kesgitlemesi we/ýa ekspressiýalar hakynda bölek kanunlar ýok. Umuman hukuk esaslarynda-da iş tejribesinde-de «gender kesgitlemesi» ýa «jynsyň lukmançylyk düzeldilşi» ýaly düşünjeler ýok. Bu şeýle-de resmi dokumentlerde (dogulyş hakyndaky şahadatnama, pasportl we beýleki) jynsy çalyşmak tertibine-de degişli. Hakykatdan öz jynsyny çalyşmak isleýän adam muny diňe daşary ýurtlarynda edip bilýär. Emma soňunda onda şahsy resminamalaryny ýaňadan üýtgedeninde problemalar döreýär.

[19] BMG-nyň täzelikleri https://news.un.org/ru/story/2019/06/1358291
[20] Türkmenistanyň Jenaýat kodeksi http://minjust.gov.tm/ru/mmerkezi/doc_view.php?doc_id=8091
[21] https://www.osce.org/ru/ashgabat/117369?download=true

## LGBT-JEMGYÝETINE WE WÝA-Ň GAN TABŞYRMAKLARYNA GADAGANÇYLYK

Türkmenistanda LGBT jemgyýetiniň wekillerine öz ganyny bermeklerini göniden-göni gadagan edýän kanunçylyk ýok (LGBT diýilen düşünjäniň özüniň bolmaýşy ýaly). Ganyň donorçylygy hakyndaky Türkmenistanyň kanunynyň 13-nji maddasyna laýyklykda, ýaşy 18-den 60 çenli bolan ukyply adamlar, lukmançylyk tarapdan garşy görkezmeleriň bolmadyk halynda donor bolup bilýärler. Özlerinde gan alyjynyň janyna we saglygyna howp salýan keseliň bardygy anyklanan adamlar ganyň donory bolup bilenoklar. Bu maddada AIW hakynda göni aýdylmasa-da, adamyň ganynda AIW-ň barlygy ol adama ganyň donory bolmagy gadagan edýär.

Gan beriji donor gan tabşyrmazyndan ozal özüne edilen waksinalar, başdan geçirilen operasiýalar, öň geçip giden ýa henizem bar bolan ýokançly keseller, ýokanç keselli adamlar bilen aragatnaşykda bolandygy barada gan gulluk edarasynyň işgärine habar bermeli. Bular barada takyk bolmadyk maglumaty beren halatynda ol Türkmenistanyň kanunçylygynyň esasynda jogapkärçilige çekilýär.

## AIW-POLOŽITEL BOLANLARA WE OLARYŇ ENE-ATALARYNA DÖWLETIŇ KEPILNAMALARY

Türkmenistanyň adamyň immunoýetmezçilik wirusy (AIW-ýokaşmasy) sebäpli döreýän keseliniň ýaýramagyna garşy durmak baradaky kanuny AIW bardygy anyklanan çagalar we olaryň ene-atalary üçin birnäçe ýeňillikleri göz öňünde tutýar. Bu kanunyň «AIW-y ýokaşan çagalaryň, olaryň ene-atalarynyň ýa-da ene-atasynyň ornunda durýanlaryň sosial goragy» diýilen 19-njy maddasyna laýyklykda, AIW-y ýokaşan çagalaryň 18 ýaşy dolýança olara maýyplyk boýunça döwlet hemaýaty we şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýeňillikler bellenýär. Keselhana şertlerinde AIW ýokaşan çaga göniden-göni seredýän ene-atanyň birine kanun tarapyndan göz öňünde tutulan tertipde wagtlaýyn ýarawsyzlyk şahadatnamasy berilýär.

AIW ýokaşmasy bar bolan aýallardan dogulan çagalary emeli iýmitlendirmek döwlet tarapyndan mugt üpjün edilýär.

## TÜRKMENISTANYŇ GOŞULMAK TERTIBINDEN GEÇIREN RATIFIKASIÝA EDEN /GOL ÇEKEN/ HALKARA WE SEBITLEÝIN RESMINAMALARY

1. BMG-dan Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Şertnama — ***ratifikasiýa edilen***.
2. Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara Şertnamasyna goşulýan Fakultatiw protokoly — ***ratifikasiýa edilen***.
3. Ykdysady, sosial we medeni hukuklar baradaky halkara Şertnamasy — ***ratifikasiýa edilen***.
4. Maýyplaryň hukuklary hakyndaky Konwensiýa — ***ratifikasiýa edilen***.
5. BMG-nyň çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýasy — ***ratifikasiýa edilen***.
6. Ähli zähmet-migrantlaryň we olaryň maşgala agzalarynyň hukuklaryny goramak baradaky Halkara konwensiýasy — ***ratifikasiýa EDILMEDIK***.

